# Nýu-Ýorkly işsiziñ içgepletmeleri

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Nýu-Ýorkly işsiziñ içgepletmeleri

NÝU-ÝORKLY IŞSIZIÑ IÇGEPLETMELERI

Eý, gadymy şäher, eý, juwan şäher, –
Uzak asyrlaryñ gatynda dörän!
Gelen – daş keşbiñe göz aýlap sähel,
Saña: – Gözel şäher – diýýändir – örän!

Dogrudan, depesi gök diräp duran
Belent ymaratlañ ajaýyp, gözel.
Ýöne, jaýsyz ýörkä ol jaýy guran,
Heý-de göze gözel görnermikä ol?!

Eý, gadymy diýar, eý, juwan ülke,
Her gün miliiardlarña milliardlar münýä…
Eýe sen egsilmez hazyna-mülke,
Seni baý ýurt diýip tanaýar dünýä.

Ýöne, şol baýlygy döreden ilat
Köçede el serip gezýärkä gedaý,
Heý, saña baý diýip berip bormy at,
Heý, diliñ öwrülip diýip bormy baý?!

Tirkeş SADYKOW.

Goşgular